# LOGIKI SORAGLAR

1) Dört sany 9lygy we diňe arifmetik belgileri ulanyp 10000 den uly san ýasamaly

2) Dekodirläň:

I 1 M U 2 M B G M 2 MKD

3) Iki çöpi üýtgedip deňlemeli

XV-IIII-X=III

4) Çözüp bolýan emma daňyp bolmaýan zat näme ? Jog: mesele

5) N sany talyp bilelikde 242 manat töläp, adam başyna bir blaknot we bir ruçka satyn alypdyrlar. Eger blaknot ruçkadan 20 manat gymmat bolsa, talybyň sanyny we blaknodyň, ruçkanyň bahasyny tapmaly.

6) B futbol kamandasy R1 we R2 futbol komandalary bilen duşuşupdyr we netijeler aşakdaky ýaly bolupdyr:

R1 we B

a:b

B we R2

c:d

Netijeleri düzýän sanlar barada aşakdaky maglumatlar bar:

I) d san diňe bire bölünýär;

II) a san ähli sana bölünýär;

III) b san 29-njy fewral bilen hemmä malim bolan umulyga eýe;

IV) c sifr bolsa, şu wagt ählisiniň başynda dur;

B komandanyň oýun netijelerini ýazyň!

7) Dowam ediň:

3@4=22

5@8=18

7@2=68

8@9=?

8) Ýarylyp biler, şondada pese düşmez

Pese düşüp biler, şondada ýarylmaz

Näme hakda gürrüň gidýär ?

9) Nakyllary dikeldiň:

a) EÝSZ SZ GBTDR ( eýesiz söz gybatdyr )

b) ŞDN DŇ BLMZ GRN GZ BLN ( eşiden deň bolmaz gören göz bilen )

10) Bir adam bar, sagdyn ähli organalary abat. Ýöne näçe gün bäri hassahanada ýatyr. Bu günem çykarýarlar, ýöne göterip. Näme üçin ? jog: ( bäbek)

11) Kiçijikligine garamazdan pili bir elende göterip çaga näme diýilýär ?

12) 1 den 80 e çenli näçe sany 7 lik bar ?

13) Düzüminde ü,i,ä,ö,ý,ç,ş,ň harplaryň (üsti nokatly ýada guýrukly harplar) ählisi bar bolan bir söz ýazmaly ! Düýp söz bolmagy hökman däl !

14) Oglanjyk 11 manat töläp, bir pepsi we bir stakan satyn alypdyr. Eger pepsi stakandan 10 manat gymmat bolsa, stakanyň bahasy näçe ?

15) Gözel jaýyň 2 nji gatynda ýaşaýar. Durdy hem şol girekgede ýaşaýar, ýöne ol öýüne barmak üçin Gözelden 2 esse köp basgançak geçmeli bolýar. Girelgä we 1nji gata çenli basgançak ýok. Durdy jaýyň näçenji gatynda ýaşaýar ?

16) Jaýyň 3-nji çykýança 36 basgançak bar. Eger gatlaryň arasyndaky basgançaklaryň sany deň bolsa, 6-njy gata çenli näçe basgançak bar ?

17) Gök jaýda gök adam ýaşaýar, gyzyl jaýda gyzyl adam ýaşaýar, Ak jaýda nahili adam ýaşaýar ?

18) Bir çöpüň ýerini üýtgedip dogry deňlik almaly:

X X I I / V I I = I I I

19) Haýsysy tapawutly:

1254, 8426, 7216, 3487, 7465, 4356

20) Türkmenistan döwletimiz üçin taryhy bir şanly sene bolan

AB.CD.EFGH

Barada asakdakylar malim :

A= E+H

E=C>D

EFGH=HGFE

Bu sene haýsy sene ?

21) kodly sözlemi dekodirläň :

T W K 934 Jog : Türkmenistanyň walýutasynyň kody 934 )

Nusga: 1 H 7 G B (1 hepdede 7 gün bar)

22) Dyngy belgileri we çekimli sesleri taşlanyp ýazylan goşgyny dikeldiň:

BR ÝND HDÝ BR BR ÝND ŞÝTN ( bir ýanda Hudaý bar bir ýanda şeýtan )

RLKD BŞ GN KLR SÝRN ( Aralykda bäş gün kylar sen seýran )

WTN L LS ÝTMS PÝDŇ ( watan il ulsa ýetmese peýdaň )

PÝDDN GÇ HÝRDN GÇ ŞRDN GÇ ( peýdadan geç haýyrdan geç şşerden geç )

23) A1,A2,...,A32 harplar bilen bellenilen 32 sany komanda özara futbol boýunça ýaryşa gatnaşýarlar. Utulan komanda oýny terk edýär. Şu shema bilen geçiljek ýaryş başlamazdan ozal A15 komandan bilen haýsy komanda hiç wagt bile oýnamaz diýip 100% kepil geçip bolar ?

24) Iki çöpüň ýerini üýtgetmek arkaly deňlemeli

XX+I=V+XI

25) Köpeltmek amalyndan başga arifmetik belgilerden peýdalanyp 1,2,9 sanlardan 19 ýasamaly.

26) Albert 10y X sana bölüp, 5lik aldy. Myrat bolsa 10y X sana bölüp 2lik aldy. X san näçä deň ?

27) Aman teňňäni 9 gezek zyňypdyr we ählisinde teňňe diňe sifrli tarapyna düşüpdir. Aman teňňani 10njy gezek zyňanada hem sifrli tarapyna düşmeginiň ähtimallygy näçä deň ?

28) Zontik taryhda iki ýerde oýlanyp tapylýar Gadymy Hytaýda, soňra Angliýada. Ikisiniň tapawudy nämede ? ( biri ýagyş üçin biri gün )

29) Bütin dünýäde ulanylýan söz hemme ýurtdada şol manyny berýär, haýsy söz ? (ok)

30) diňe sygyrlarda bar bolan, başga jandarlarda bolmadyk zat ?

31) deňizde tapdyrmaýan daş ? (gury)

32) 2kg 10 teňňelik agyrmy ýada 1 kg 20 teňňelik ?

33) Nähili tarelkdan hiç zat iýip bolmaz ? (boş )

34) Ýagyş ýaganda guşlar nähili agaja gonar ? ( öl )

35) Iň uly gazanada sygmaýan zat ? (şol gazanyň öz gapagy )

36) Uzynlygy Eýfel başnýasyna deň bolan, emma agramy gramm hem bolmadyk zat ? (kölegesi )

37) Haýsy eliň bilen kofeni şeker bilen garmak aňsat ? ( loşkaly )

38) 19 ýylda öz özüne girip bilen zat ?

39) Düýeguş özüne: “Men guşlara degişli” diýip bilermi? ( bilmez, gürläp bilenok )

40) Dört sany 3ligi we diňe arifmetik amallary (+,*,-,:) ulanyp, 21 ýasamaly.

41) Diňe bir manatlykdan düzülen 512 manat puluňyz bar. Siz öz puluňyzy 9 bukja paýlap, agzyny ýelimlemeli. Şunlukda, sizden 1 we 512 aralykda islendik mukdarda pul soralsa , bukjalary açman berip bolmaly. Puly bukjalara nähili usulda paýlamaly ? ( ikiniň derejeleri boýunça )

42) Nakyllarda çekimsiz sesler galdyrlan, olary dikeldiň.

a) D ZŇ BS TMS KSK ( ody özüňe bas ötmese kesekä )

b) KLL ŞRT KMG KTK

ç) GLN HWLGR TDN WGTDN BŞR ( oglan howlugar tudana wagtynda bişer )

43) Kodly sözlemi dekodirläň:

B Ý T M B D 53 O D

44) Haýsy san galdyrylypdyr:

1,2,3,5,.?.,17,18,23,25,44,54,55,75.

45) Eger

31#22=477

9#8=17

25#15=400

Bolsa, 21#11=?

46) Bir matematik gyzdan telefon nomerlerini soranlarynda ol

abcdefgh

görnüşli nomer hakynda aşakdaky maglumatlary aýdypdyr:

I) ab=(2*a+1)*b

II) f,c sanlar yonekey

III) e=g=h>b

IV) d,f,h –yzygider jübüt sanlar.

Şu maglumatlara görä onuň nomeri näçe ?

47) Ýer planetasynyň iň gurak ýeri nirede ýerleşýär ?

48) Iki çöpüň ýerini üýtgedip deňlemeli:

XXXVII+I=IX

49) Bir gurply maşgalada çagajyk dünýä inipdir. Çagajyk hemme zady ýerbe ýer maşgalanyň ilkinji bäbegi bolansoň kakasy ejesi atasy enesi onuň doglan gününe ýatdan çykmajak agşam guramak islediler. Emma olar onuň üçin 8 ýyl garaşmaly boldular .

Sorag: näme üçin ? Jog: ( 1896 ýylyň 29 fewralynda çaga dogulýar, 1900 ýylda 29 fewraly aýyrýarlar, wagty dogurlamak maksady bilen, diýmek çaganyň doglan günini 1904 iň 29 fewralynda ýagny 8 ýyl soň bellemeli bolýar )

50) jemi ikibelgili, köpeltmek hasyly birbelgili san bolan üç sany ýazmaly.

51) AAA-BAÇ=DEA

Bolar ýaly A,B,Ç,D,E sanlary tapyň

52) Haýsysy tapawutly:

123,345,456,769,420,435,357

53) 1den 9 a çenli nomerlenen bugdaýly haltalar bar. Her haltada onuň nomerine san taýdan deň kg bugdaý bar. Üç adam bu haltary paýlaşýarlar, şunlukda her biriniň bugdaýlarynyň agramy deň. Olar haltalary nähili paýlaşypdyrlar ?

54) Haýsysy tapawutly:

Adidas, Reebok, Puma, Nike

55) Dowam etmeli we esaslandyrmaly:

1,1,1,2,2,2,3,5,5,8,20,23,29,...?

56) Dekodirläň:

Ş Ý Ý B Ş 20 Ý T T

56) Aşakdaky getirilen goşguda çekimli harplar galdyrylypdyr. Goşgyny doly ýazmaly:

SN SN DÝSŇ BÝGLRSŇ TRKMNM

SN SN DÝMK B JHND DRKRD

MN MN DÝN ÇGŇ PSLRSŇ SN

ÝN NTJK DŇDD BRDR

57) Nakyly dowam ediň:

Ýa:tdan ogul bolmaz,...

58) Ortada 2016 sany şarjagazlary goýup iki oýunçy şeýle oýun pýnamakçy bolýar:

Oýunçylaryň hersi nobatma nobat, şarjagazlardan 1 ýa 2 ýa 3 sanysy almaga hakly. Şunlukda kim iň soňky şary alsa şol utýar.

Ikinji başlan oýunçynyň utmagy üçin usul oýlap tapmaly !

59) Iki sany 9lygy we diňe arifmetik belgileri peýdalanyp 10 ýasamaly.

60) Sagat 15:00 da asmanda demirgazykdan günbatara 4 sany guş romb görnüşli şekil emele getirip uçup barýar. Ýene näçe sagatdan olaryň islendik üçüsi bir tekizlikde ýerleşip uçar ?

61) Iki çöpüň ýerini üýtgetmek bilen deňlemeli:

X I I / I V = X X X I

62) Garakcylaryň baştutany ýesir düşen adama: “Men saňa üç sany B harpyndan başlaýan miwe berjek, iýip bilseň erkinsiň” diýýär. Ol ýesir başdaky iki miwäni iýýär . Emma üçinjini görenden: “ Men muny asla iýip bilmen” diýýär. Ol miweler haýsylar ?

63) Ters öwreniňde gymmaty peselýän zat näme ?

64) DEGIŞME ÄHEŇDE

Iki awtobus bar, birinde diňe gelinler, beýlekisinde diňe gaýneneler bar. Gaýneneleriň awtobusy heläkçilige uçrapdyr. Beýleki awtobusdaky gelinler begenşip tans oýnaýarlar, emma biri oýnanok. Näme üçin ?

65) Ýagyşly gün üç dogan maşynda gidip barýar, olaryň ikisi ýolda düşüp galýar. Beýlekisi maşynda gidip barşyna uly köpriniň üstünde ýyldrym çakyp aradan çykýar. Muny eşiden beýleki doganlary: “wah, käşka biz şonda düşmedik bolsak,” diýipdiler. Näme üçin olar beýle diýipdirler ?

66) Dynç güni köşkde jenaýat bolýar. Polisiýalar gelip köşküň işgärlerinden sorag edýärler, derňewçiniň jenaýat wagty sen nirdediň diýen soragyna

Aşpez: “men ertirlik taýýarlaýardym” diýýär

Bagban: “güllere suw berýärdim” diýýär

Garawul: “men poçta gelen gazetleri alýardym” diýýär. Bularyň içinde günäkär adam barmy ? ( garawul sebäbi dynç güni poçta işlemeýär )

67) Bir tortuň üstünde 10 sany şem ýanyp dur, 4sini öçürseň näçesi galar ?( 10 , 4 öçen, 6 ýanyp duran )

68) Iki sany öran dawakeş adam bar eken, hatda örän ownujak zatlaryň üstündede dwalaşýarlar. Bir torty paýlanda olar dawalaşmaz ýaly nähili usul tapyp bolar ?

69) Patyşa tussaglara sorag berip, bilenleriň jezasyny ýaryma indirýär eken. Ömürlik tussag edilen adamlaryň biri soragy bilipdir. Nädip, onuň jezasyny ýaryma getirmeli ?

70) Ähli tohumy tükendigindede ýene köpelip bilýän haýwan ?

71) Bir alma çüýşäniň içinded dur. Eger çüýşäniň agzyndan alma sygmaýan bolsa we çüýşe abat bolsa, ol iş nähili amala aşyrylypdyr ? ( içinde gögeren, gül wagty daşyna çüýşe geýdirýärler )

72) 4 sany dost boş awtobusa münýärler, indiki duralgada ýene 2 adam münýär, ondan soňky duralgada ähli adamlar düşýärler. Eger düşen adamlaryň sany 5 we awtobusdada adam galmadyk bolsa, 1 adam näme boldy ? ( sürüji )

73) Atasy ogluna bir kitap berip, şuny okasaň 100 manat gazanarsyň diýipdir. Emma ogly hiç okamadan, gelip atasyndan okany üçin 100 manat sorapdyr. Atasy bolsa sen ýalan sözleýän diýipdir. Ol ony nädip bilipdir ?

74) 100 km uzynlykly demir trubajykdan suw akýar. Siz trubaň deň ýarymynda diýen ýaly dursuňyz. Siz ondan akýan suwuň haýsy tarapa akýanyny nädip bilersiňiz ?

75) Harplary dowam ediň:

S O N D Y F M ...

76) Siz çuňňur guýynyň düýbünde, Garakçylaryň buýruguna görä siz ýanyňyzda duran ejeňiz ýa kakaňyzdan birini alyp guýynyň düýbüne öziňizi oklamaly. Haýsyny ýanyňyza alardyňyz ? (düýbünde durup guýa özüňi oklap bolmaýar )

77) Haýsy harp ýetenok:

H I E Z I B Z ...?

78) Men dostumdan 100 manat karz aldym, dükana gidip barýarkam ony ýitirdim. Ýolda klasdaşyma duşdum we ondan 50 manat karz aldym. Hersi 10 manat bolan iki sany şokolad aldym, 30 manadymam dostuma berdim we oňa 70 manat bergili bolup galdym. Klasdaşyma bolsa 50, jemem 120 üstünede iki şokoladyň puluny goşsaň 140 bolýar. Hany onda galan 10 manat ?

79) Bir çagajyk öýüni gulplap, açary nire goýanyny kagyza ýazyp, gapa ýelmäp gidipdir. Emma ogry gelip, gapyny açyp bilmän, yzyzna gidipdir. Näme üçin ?

80) Galtamanlar bir alymy tutup, oňa sen bize bir sorag ber, eger dogry jogap bersek seni atarys, ýalňyş jogap bersek asarys diýipdirler. Alym olara şeýle bir sorag beripdir welin ony boşadyp goýberipdirler. Alym olara nähili sorag beripdir ?

81) Küşt tagtasynda näçe sany kwadrat bar ?

82) Daş bilen çekilýän terezide satyjy 4 sany daş ulanyp 40 kg çenli çekmegi başarýar. Ol daşlaryň hersi näçe kg ?

83) Üç sany adam bilelikde eden etmişleri üçin kazyýete çekilýä we iň agyr günälisine ölüm jezasy beriljekdigi aýdylýar.

Üç günäkärden A-nyň aklawjysy şeýle diýýär:

-maňa aýdylany B-e ölüm jezasy berilmez,  Ç-nyň bolsa B-den agyr günali

Hasaplaýandygy belli. Senki bolsa heniz belli dal !

Şu aýdylanlardan ugur alsak A-nyň ölüm jezasyny almaklygynyň ähtimallygy näçe % ?

84)  Bir patyşa bar diýýä. Şol patyşa bir gün bir türmede oturan adamy ýanyna çagyrdýar. Patyşanyň elinde hem bir çüýşe bar eken. Ol çüýşäniň hem gyrasyny döwdürtýär bilgeşleýinden.  Soň patyşa türmede oturana sorag berýär:

-Eger sen şu çüýşäni tikip berseň men seni türmeden boşatjak diýýär, eger edip bilmeseň türme möhletiňi uzaltjak diýýär. Türmede oturan hem patyşa bir zat aýdýar we patyşa ony türmeden boşatmaly boýar. Ol näme diýýär ? ( çöwürip ber men tikip bereýin )

85) Bir parihmaherşa saç aldyrmana 3 adam gelýär we parihmaheriň kassasy bölek bolýar. 1-nji adam saç aldyrýar we parihmaherşa aýtýar kassada näçe pul bolsa üstüne şonçada goýup kassadan 20 müň alyp git diýýär we 2-nji adamada şeý diýýär ol kassada näçe bar bolsa şonça pul goýup 20 müň alyp gidýär we 3-nji adama  şeý diýýär 3-nji adam hem kassada bar pulyň üstüne şonçada goýýar we 20 müň alýa soň kassada pul gutarýar. Kasssada başda näçe pul bar bolýar ? ( 17,5 ; deňleme düzmeli )

86) Dowam ediň:

1, 2, 6, 24, 120, ...?

87) Çetki obalaryň birinde bir ýetim oglan bolupdyr. Ol bir gün aw awlamak üçin tokaýa gidipdir. Köp wagtlap aw awlap bilmän awsyz yzyna dolanmaly bolupdyr. Ol ýöräp gelýärkä bir keýigi görüpdir. Ony awlajak bolup duran wagty keýik : “Eý ýigit ! Sen gowja pikirlen eger meni atsaň seniň kakaň öler. Eger-de atmasaň ejeňden jyda düşersiň “ diýipdir. Bu ýagdaýda oglan näme etmeli ? ( atmaly , sebäbi ýetim )

88) Ýekeje çöpi üýtgetmek arkaly deňlemeli:

1) XIII+V=XVI

2)  VII+VI=VI

89) 10 wagon 1 sagatda 100 km geçýär . 1 wagon 1 sagatda näçe km geçer ? ( şol bir zat )

90) Kub şekildäki plastiki pyçak arkaly kesmek talap edilýär, ýöne her gezek kesilende pyçak kubuň diňe we hökmän 3 burçundan kesmeli, şunlukda kuby näçe bölege bölmek mümükin ?

91) Harplaryň ýerine sanlary goýuň :

ABÇDE

+

ABÇDE

----------------

FBADE

92) Näçe ýagyş ýagsa ýagsyn, hiç hem ezilmejek zat näme ?

93) Iki adam küşt 5 oýnuny oýnapdyrlar, hersi deň derejede utuş gazanypdyrlar, emma hiç bir oýundada deňme denlik gazanylmandyr. Beýle ýagdaýyň bolmagy mümükinmi ?

94) Siziň öňüňizde birinde hazyna bolan iki jaý dur, her jaýyň gapysynyň öňünde bir sakçy dur. Sakçylaryň biri diňe ýalan, beýlekisi bolsa diňe çyn gepleýär. Eger siziň diňe ýekeje sorag bermäge hakyňyz bar bolsa we sakçylar haýsy otagda hazynaň bardygyny bilýan bolsalar. Siz haýsy sorag bererdiňiz ?

95) Sizde 127 sany 1 manatlyk bar, siz ony 7 gapjyga paýlamaly . Şunlukda sizden 127ä çenli islendik mukdarda pul soralanda, gapjyklaryň kömegibilen berip bolmaly.

96) Bir uçar heläkçilige uçrapdyr we bir ada düşüpdir. Bu adada bolsa, özlerini biri birinden owadan hasaplaýan gyzlar ýaşaýar. Olar erkek adam ada gelse ondan “seni biziň haýsymyz öldirsin ?” diýip, sorap jogap berse bermesede öldürýär ekenler.

Heläkçilige uçran uçardaky adamlaryň biri bu soraga şeýle bir jogap beripdir welin, olar ony öldürmändirler. Ol näme diýip jogap beripdir ?

97) Sekuntda bir gezek, sagatda bir gezek görüp bolýan, emma minutda asla görüp bolmaýan zat näme ?

98) Düýn ertir bolan bolsady bu gün şenbe bolardy diýen adam bu gepi haýsy gün aýdypdyr ?

99) Ejesiniň we gyzlarynyň ýaşlarynyň jemi 45-e deň. Birinji gyzjagazyň ýaşy ejesiniň ýaşynyň birinji sifrine, ikinji gyzjagazyňky ikinji sifrine, üçünjiniňki bolsa ol sifrleriniň jemine deň bolsa, her biriniň ýaşy näçe ?

100) Adaty 12 knopkaly telefonda “kaka” diýip ýazmak üçin, “5” knopkany näçe gezek basmaly ?

101) Üç şahmatistden haýsynyň güýçlidigi soralýar. Alnan jogaplar:

Myrat: “men iň güýçlisi däl”, Aman: ”iň güýçlimiz Batyr” , Batyr: “ Aman ýalan sözleýär” . Bu jogaplaryň diňe biri dogry bolsa, olaryň haýsysy iň güýçli ?

102)   Her sagatda 20 minut yza galan sagadym bar, ol şu wagt 4:00 görkezip dur. Sagadymy ýary gije düzedipdim we ol 4 sagat mundan ozal durup galdy. Onda şu wagt sagat näçe ?

103) Bir uçar heläkçilige uçrapdyr we ol edil ABŞ bilen Kanadaň araçäk çyzygyna düşüpdir. Siziň pikiriňizçe ýaralananlar haýsy ýurtda jaýlanar. ABŞdamy ýa Kanadada ?

104) Dowam ediň:

B I Ü D B ...

П В Т Ч П ...

F S T F F ...?

105) 90 km/sag tizlik bilen gidip barýan otluda oturan adam bu otla garşy 60 km/sag tizlik bilen gelýän otlyny 6 sekuntlap synlap ýetişen bolsa, geçip giden otlynyň uzynlygy näçe ?

106) A we B sanlaryň hiç birinde 0 sifr ýok, emma A*B=1000000. Bu sanlary tapyň

107) Akwariumdaky 100 balygyň 2+2*2 sanysy gark bolan bolsa, näçe balyk diri galar ?

108) Sizi galtamanlar tutar we üç ýoldan birini saýlap gitmegiňizi aýdarlar: 1-nji bombalar goýlan ýol, 2-nji ot ýanyp duran ýol, 3-njide bolsa iki ýyllap aç ýatan ýolbarslar bar. Haýsy ýoly saýlardyňyz ?

109) Gyş günleriň birinde bir jenaýatkär ýiti jisim bilen bir adamy öldürýär we ýaragyny şol ýere zyňyp gidýär. Emma ol ýerik gelen polisiýa işgärleri ol adamyň näme bilen öldürlenligini bilip bilmeýärler. Ol jisim näme ?

110) Haýsy san öz sifrleriniň jeminiň iki essesine deň ?

111) Şeýle bir san bar, ol käbir sanyň iki essesi. Onuň ters tertipde ýazylan görnüşi bolsa, şol käbir sanyň kwadraty. Ol san näçe ?

112) Haýsy san öz sifrleriniň jeminiň üç essesine deň ?

113) Haýsy san öz sifrleriniň jeminiň dört essesine deň ?

114) Haýsy san öz sifrleriniň jeminiň bäş essesine deň ?

115) Haýsy san öz sifrleriniň köpeltmek hasylynyň iki essesine deň ?

116) iki çaga bir kakadan, bir ejeden bolmagynawe bir senede bir wagtda dogulmagyna garamazdan ekiz däl. Bu ýagdaý bolup bilermi ?

117) Enesiniň ýaşy agtygynyň ýaşan aýyna deň. Agtygy bilen enesiniň ýaşlarynyň jemi atasynyň ýaşyna deň. Atasynyň ýaşy 91. Enesi bilen agtygy näçe ýaşynda ?

118) Üç sany traktorist doganlaryň iň kiçisi Myrat. Ýöne Myradyň erkek dogany ýok. Beýle ýagdaýyň bolmagy mümkinmi ?

119) Kiçi bolsada baş hasaplanýan zat ?

120) Harplaryň ýerine degişli sanlary goýmaly

ABCD – DEFC = GAFB

:  +  -

DH * AB = IEI

-------------------------------

GGE + DEBB = DHDG

121) Kodly sözlemi dekodirläň:

5A.45.48.49.4E.FA.42.49.5A

122) Ýer ýüzündäki ähli adamlaryň şol bir sekuntda edýän zady ?

123) Şäherden şähere, obadan oba gidibem,gelibem bilýär. Emma duran ýerinden gymyldamaýar.

124) Haçan million soragada bir meňzeş jogap berip bolar ?

125) Aşakdaky teksden many taýdan ýalňyş ýeri tapyň:

Bir aýal gyş güni oturup, jorap örýän. Adamsy bolsa, onuň gujagynda uklap ýatyr. Tötänlikde aýalynyň elindäki çişleriň biri adamsynyň beýnisine girýär we adamsy aradan çykýar. Adamsy şol wagt düýşündede çiş girip ölenini görýär eken .

126) Arifmetik amallary ulanyp deňlemeli:

1 2 3 4 5 = 1 2

127) Dowam ediň:

E B S D I E J E A J K E E E O P K ...?

127) Ýekeje çöpüň ýerini üýtgedip deňlemeli :

XVII+VL+XI=L

128) Aşyr, Aman, Artyk banky ýarmaga gatnaşdylar. Ogrular awtomobilde gizlendiler. Sudda Aşyr “ jenaýatçylar gök žigulide “ diýip aýtdy. Artyk “ ol maşyn gara audi bolmaly “ diýdi . Aman bolsa “ maşyn opeldi özi hem gök däldi “ diýdi. Olaryň sudy bilaşdyrmak üçin hersiniň diňe, ýa maşynynyň reňkiniň ýada maşynynyň markasyny dogry aýdandyklary belli boldy . Maşynyň markasy, reňki nähili ?

129) Kanunalaýyklygy aýdyň we dowam ediň :

2#3=1 , 6#12=6 , 40#24= 8

169#39=13 , 48#16=...?

130) Aşakdaky yzygiderligiň 2015-nji orunda durany nähili san:

2,3,5,7,11,13,... ?

131) Haýsy harp ýetenok we näme üçin :

YOLÝLHOAWMENÜRARK... ?

132) Tomus Günüň dik düşýänwagtynda iki jaýyň aralygy nähili ölçenýär ?

133) Jemi ikibelgili, köpeltmek hasyly bir belgili san bolan iki natural san tapmaly .

134) 4 sany 2 ulanyp mümükin bolan iň uly sany ýazmaly .

135) Aşakda türkmen nakyllarynyň biri getirilipdir. Emma bu nakylda sözleriň çekimli harplary aýrylyp ýazylan . Bu nakyly biliň:

Tms dps gýnmdgň gş gzn gýnmz .

136) Eger Geldi 10 , Çary 8 , Atamyrat 16 ýaşynda bolsa, Gurban bäçe ýaşynda ? (esaslandyrmaly)

137) 7 , 4 , 5 , 2 sifrleri we arifmetik amallary ýeke gezek ulanmak bilen 35 ýasamaly . (sifrleriň ýerini çalyşmak bolýar)

138) Ahmet 13-nji köçede ýaşaýar we onuň jaý nomeri 13-1300 aralygynda . Ahmet özüniňjaý nomeri barada outta şu sözlemleri aýdypdyr:

1. Ol san 500 den uly

2. Ol bir sanyň takyk kwadraty däl

3. Ol bir sanyň takyk kuby

4. Onuň ýazylşynda 1 ýok

Emma bu jogaplaryň ikisi nädogry . Şu maglumatlar esasynda ol nomeri bilip bolýan bolsa, onda Ahmet näçenji jaýda ýaşaýar ?

139) Kodly sözlemi dekodirläň:

T E 30 H B

140) Aşakdakylaryň haýsysy tapawutly :

1) iphone, HUAWEI, Nokia. Blacberry

2) TOYOTA, OPEL, NISSAN, BMW, MAXIMA

3) goýun, geçi, pingwin, gaplaň, bürgüt

141) Diňe arifmetik amallaryň kömegi bilen deňlemeli :

2 4 5 7 = 10

142) Otelda 7 etaž bar. 1-nji etažda 8 adam ýaşaýar. 2-njide 10 adam. 3-njide 12 adam we ş.m . Sorag lift haýsy etaža köp çagyrylýar ?

143) Gara pişige haçan öýe girmek aňsat ?

144) Stoluň üstünde iki sany teňňe bar. Olaryň jemi 3 manat . Teňňeleriň biri bir manat däl bolsa, ol teňňeler näçe manatlyk ?

145) Çig wagty iýilmeýär, gaýnadylan soňam zyňylýar. Ol näme zat ?

146) 6 sany şar bar. Şol şarlaryň içinde biri agyr. Şarlaryň terezide 2 gezek ölçäp haýsysynyň agyrdygyny tapmaly

147) 3,3,4,4 sanlary we diňe arifmetik amallary ulanyp iň uly sany ýazmaly

148) Balykçy balykdan gelýäkä biri ondan näçe balyk tutdyň diýip soraýar. Balykçy meň tutan balyklarymyň sany 8iň ýary , 6 kellesiz, 9 guýruksyz diýip jogap berýär. Balykçy näçe balyk tutupdyr ?

149) Kodly sözlemi dekodirläň:

1 K 1000 M B

150) Nakyllary dowam ediň:

a) Uruş gutaran soň, gylyjyňy ...

b) Atylan ok ...

ç) Atyny beren ýola sereder, guşuny beren ...

151) Tokaýda Maksimum nirä çenli girip gitmek mümkin ? Jog: ortasyna çenli

152) Kagyzyň galyňlygy 0.1 mm . Ony 50 gezek eplesek , galyňlygy näçä deň bolar ? Jog: 0.1 mm

153) Oda düşse ýanmaz , suwa düşse gark bolmaz. Näme ? Jog: buz

154) Maşynda 3 aýal we 1 erkek bar. Maşyny olaryň haýsysy sürer ?

Jog: sürüjilik şahadatnamasy haýsynda bar bolsa

155) Alnan wagty gara, ulanylanda gyzyl, taşlananda çal. Näme ol ? Jog :köz

156) 1,2,3 we4 sifrleri ulanyp onalty belgili san ýazmaly. Şunlukda ol sanyň islendik iki sifri: ya meňzeş bolmaly yada biri bir bolmaly ! Beýle sanlardan näçesini düzüp bolar ?

157) Kodly sözlemi dekodirläň:

Y B 206 S B

158) Dört sany adam bar : A, B, Ç, D . Olaryň üçüsi mydama ýalan gepleýär, biri bolsa mydama geň gepleýär . Aşakdaky jogaplara görä olaryň haýsysy geň gepleýan adam ?

A: men ýüzüp bilmeýärin

B: Ç adam ýalançy

Aç

Ç: men ýalançy !

D: A geň gepleýän adam !

(Jogaplary esaslandyrmaly )

159)  Bir sany ýatda belläň, ol sana ondan soňky gelýän sany goşuň we ýene 15 em goşuň. Alnan netijäni 2ä bölüp. Bellän sanyňyzy aýryň. Netijede 8 alnar. Nädip beýle bolýar ?

160)  Bir gazet kolleksionerlerine taryhy gazet satmak isleýärler, ol gazetiň ýüzünde “ I Jahan urşy başlady “ , ady bilen bir makala ýerleşdirilipdir. Kolleksioner hiç hili barlag geçirmezden, bu gazet galp diýip almandyr . Ol nädip bilipdir ?

161) Üç belgili sanymyz bar şol sandan 7-ni aýyrsaň 7 bölünýä, 8-i aýyrsaň 8-e, 9-y aýyrsaň 9-a bölünýär. Bu üç belgili san näçe ?

162) Agaç näme üçin ýolarlygyna ösýär ?

163) Aýallary agladyp soňundanam olar üçin ýanyp köýýän kimdir ?

164) Türkmen dilinde mydama ýalňyş oklaýan söz haýsy söz ? ýalňyş

165) Näçe ýagyş ýagsa ýagsyn, hiç hem ezilmejek zat näme ?

166) Iki adam 5 oýun küşt oýnapdyrlar, hersi den derejede utuş gazanypdyrlar, emma hiç bir oýundada deňme deňlik gazanylmandyr. Beýle ýagdaýyň bolmagy mümkinmi ?

167) Siziň özüňize birinde hazyna bolan iki jaý dur,her jaýyň gapysynyň öňünde bir sakçy dur. Sakçylaryň biri diňe ýalan, beýlekisi bolsa diňe çyn gepleýär. Eger siziň diňe ýekeje sorag bermäge hakyňyz bar bolsa we sakçylar haýsy otagda hazynaň bardygyny bilýän bolsalar. Siz haýsy soragy bererdiňiz ?

168)   **Birinde a san ak, beýlekisinde b sany gara şarjagazlar bar bolan iki guty bar. Eger**

$$2*b(a+1)+a=33$$

**Bolsa, gutydaky şarjagazlaryň sanyny tapyň. (esaslandyrmaly)**

**169) Haýsysy tapawutly (esaslandyrmaly)**

**111, 333, 148, 444, 222, 201, 185**

**170) Dekodirlemeli**

**B B 360 G H E J Ý O Ý D G**

**171) Iki sany pul geçirilýän terminal bar, I terminalda her gün A manat girdeji gelýär, II terminala bolsa, A*(A-1) manat girdeji gelýär. Eger I terminaldan her gün azyndan iki adam peýdalýan bolsa**, haýsy terminalyň girdejisi köp ?

172) Diňe 1,2,5,6 sanlary we aýyrmak, köpeltmek, bölmek amallary, ýaýlary ýeke gezekden ulanyp 9 ýasamaly

173) Dekodirlemeli:

2 W 101 S A 9 S T K B S B

174) Diňe 2,3,4,5 sanlary we goşmak, köpeltmek, bölmek amallary, ýaýalary ýeke gezekden ulanyp 26 ýasamaly

174) Dowam ediň we kanunalaýklygy ýazyň

3&2=1

13&5=3

36&7=1

52&13=0

44&5=?

175) Dekodirlemeli:

E I G A B 90 G B O Ö P G D

176) Iki daltonist adam ( diňe gök reňki saýgarýanlar). Olar ortada duran 11sy gök we 3si gyzyl bolan şarlardan hersi öz nobatynda 1-6 aralykda şar çekmek şerti bilen oýun oýnaýarlar. Şunlukda, gyzyl şary çeken alan utýar. Haçan ilkinji başlan utar ?

177) Patşa ýal ertirlik edin,  X ýaly günortanlyk edin, Y ýaly agşamlyk edin. X we Y sözleri tapyň

178) Dekodirlemeli:

D 1 W Ö B S Ý S D

179) Iki  futbol komandasynyň duşuşugynda A komanda öz öýünde B komandany utupdyr. Şunlukda A komandanyň bir oýunçysy double ( iki ) gol urmagy başarypdyr. Eger bu gollardan başga A komandanyň gollaryny hem b diýip bellesek, onda

$$ab=10a$$

deňligi ýazmak bolar. Oýunuň hasabyn tapmaly

180) Arasynda natural sany kwadratyna deňbolan san bolmadyk 1000 sany yzgiderli natural sany tapyň

181) Dekodirlemeli:

Ý D 50 S D

182) Eger patyşa ähli aşpezlerini  çagyryp maňa 1 kemsiz nahar bişirip beriň diýýär. Aşpezler patyşa gaty oňat edip nahar bişirip berýärler. Patyşa nahardan 1 çemçe dadyp kesselerem duýmarsyň diýýär. Ýöne bir kemi bar diýýär. Şol kemi äýdana 1000 tylla berjegini aýdýar. Naharyňkemi nämekä ?!

183) Eliňizde ýüzüne 6 ýazylan üç sany kart we ýüzüne arifmetiki amallar ýazylan 4 sany kart bar. Olaryň kömegi bilen 16ny ýasamaly

184) Dekodirlemeli:

2.5 S 150 M D

185) Eger abçd=bçda bolsa, abçd sanyň 101e bölünýändigni görkeziň !

186) Dowam ediň we kanunalaýyklyg ýazyň:

6&5=13

7&4=18

21&2=106

5&3=?

187) dekodirlemeli

1.5 M 90 S D

188) Iki termonalyň birinjisi sagatda a manat, ikinjisi bolsa, b manat işleýär (a we b bitin ).

Eger

$$2ab+a+b=60$$

Bolsa, olaryň sagatda getirýän girdejisini hasaplamaly.

189) Dow ediň we kanunalaýyklygy ýazyň:

6&8=1

7&21=6

12&28=3

6&5=?

190) Dekodirlemeli

1 M K 1000 L D

191) 2016 sany şar bar. Iki oýunç hersi nobatma nobat bir ýa iki şar almaly. Şunlukda kim iň soňky şary alsa şol utýar. Eger olaryň ikisi hem deň derejede güýçli matematik bolsalar, olaryň haýsy utar ? (esaslandyrmaly)

192) Dowam etmeli we kanunalaýyklygy ýazmaly:

3&2=5

6&8=23

5&10=9

3&12=?

193) Dowam ediň

2&3=7

16&5=33

2&9=3

4&6=?

194) Dekodirlemeli:

Ý Ş 6 S M B

195) Nakyly dikeldiň;

GŇŞŇ ÝGŞ BLS, KR GZŇ R GDR

196) Myrat telefonyna dörtbelgili parol goýupdyr we parol üçin şeýle

- bu dürli sanlaryň iň ulusy kämil san bolan üçin beýlekilerini hem bilmek kyn däl.

Bu maglumat esasynda ol kody anyklamaly ( sorag logiki, matematiki däldir )

197) Ýeke çöpi üýtgedip deňlemeli

XI-XXXI=XX

198) Mümkin bolan köp harply türkmen sözüni ýazmaly ( söz gramtika laýyk bolmaly)

199) Bir adam bar . Oňa biri sorag berende ol dogr jogabyny bilýän bolsa, ýalňyş jogap berýär. Bilmeýän ýagdaýynda bolsa, hiç hili geplemeýär. Şeýle adama käbir yzygiderli soraglar bilen dogry jogap berdirip bolarmy ? !

200) Iki sany birligi we islendik matematiki belgini ulnyp 5 ýasamaly

201) Bir şarjagaz göni boýunça sekuntda 330 aýlaw, egri boýunça sekuntda 80 aýlaw edýär. Bu şarjagaz nirede ýerleşýär

202) Myrat öten gün 15 ýaşyndady, indiki ýyl ol 18 ýaşaýar. Myradyň doglan güni haçan we ol gürrüň haçan aýdylpdyr

203) Dekodirlemeli

1 Ý 7 A 31 G B

204) 5,2,3,4 sanlar we islendik matematiki belgini ýeke gezekden ulanyp mümkin bolan iň uly san ýazmaly

205) Dowam ediň we kanunalaýyklygy ýazyň

1&0=1

3&6=3

2&1=3

6&30=6

7&2=?

206) Dekodirlemeli

1 Ý 5 A 31 G Ý

207) 1,2,2,4 sanlary we islendik matematiki belgini ulanyp ( ýeke gezekden ) mümükin bolan iň uly sany ýazmaly

208) Dowm ediň we kanunalaýyklygy ýazyň :

2&2=2

3&6=3

7&8=1

9&12=3

15&21=?

209) Dekodirlemeli:

4 B 6 S I H 2 B

210) 2,2,3,4 sanlary we islendik mtematiki belgini ulanyp ( ýeke gezekden ) mümükin bolan iň uly sany ýazmaly

211) Dowam ediň we kanunalaýyklygy ýazyň

2&2=2

4&7=7

5&8=9

9&2=3

5&5=?

212) Dekodirlemeli:

2 J S I Ý T Ý S

213) ) 2,3,4,5 sanlary we islendik mtematiki belgini ulanyp ( ýeke gezekden ) mümükin bolan iň uly sany ýazmaly

214) Dowam ediň we kanunalaýyklygy ýazyň

3&5=11

4&7=31

6&1=721

3&2=?

215) Dekodirlemeli:

3 T Ý S I K

216) 1,2,3,4  sanlary we islendik mtematiki belgini ulanyp ( ýeke gezekden ) mümükin bolan iň uly sany ýazmaly

217) Dowam ediň we kanunalaýyklygy ýazyň:

1&1=1

2&4=2

3&7=1

6&9=3

5&4=?

218) Gadym zamanda bir ýumurtga söwdägäri bar eken, lomaý söwda merkezine baryp ýumurtga almak isleýär. Satyjy ondan näçe ýumurtga almak isleýänini soranda ol şeýle jogap berýär:

Näçe ýumurtga gerekdigini bilemok 100 den köp bolsun 2den 3den 4den 5den 6dan 7den 8den 9dan 10 dan satanymda özüme bir ýumurtga galsyn. Emma welin 11den satanymda hiç zat galmasyn. Satyjy oňa näçe ýumurtga bermeli ?

219) Islendik matematiki belgini ýeke gezek ulanyp iki sany birlikden 10 ýasamaly

220) Üç sany birligi ulanyp 50 ýasamaly

221) Nakyllary dikeldiň:

a) LMN GG T, ÝR DŞÝNÇ Ý PLK

b) ŞGRT SSTDN ZDRMS, HNR ÝTR

ç) RŞ, SGŞ, MM ÝRŞG ÝR GÝ

d) TG ÝRS BTR, SZ ÝRS BTMZ

222) Dowam etmeli:

3&2=4

5&1=119

6&4=696

4&2=?

223) Dekodirlemeli:

B Ý T G Z B D 4 O D

224) Iki çöpi üýtgedip deňlemeli:

XV+III=XI/XI

225) Aşakdaky tekstde OKAMALY diýen sözi näçe usulda okamak münkin ?

OKAMALY

KAMALY

AMALY

MALY

ALY

LY

Y

226) Nädip, hiç hili gural ulanman suwdan doly stakandan suwuň deň ýarymyny döküp bolar ?

227) Gulaga halka dakmagyň haýsy organa oňyn täsiri bar

228) Mydama ýalan gepleýän adamdan:

“ Sifrleriň içinde iň kämili haýsy ?” diýip sorasalar, onuň dogry jogap bermeginiň ähtimallygy nola deňmi ? (esaslandyrmaly )

GOŞMAÇA

229) Gyzyl pökgini gara deňze oklasaňnähili bolar ?

230) Ýagyş ýaganda towşan nähili agajyň(ösümligiň) aşagynda gizlener ?

231) Kartoşka ilkinji nireden tapylýar ?

232) Daga gidýär dagdan gelýär, ýöne hereket edenok ?

233) ikä ikini goşup ikä köpeltseň näçe bolar ?

234) Rusiýada birinji, Fransiýada ikinji , Türkmenistanda üçünji näme zat ?

235) Ikä bölünen apelsin nämä meňzeýär ?

236) Kölde gämi bar,gämiden ýüpden ýasalan merdiwan sallangy dur, merdiwanyň 10 basgançagy bar,her basgançagyň arasy 30 sm, iň aşaky basgançak suwa degip dur. Kölüň suwy sagatda 15 sm ýokary galýar (derýadan guýýar ) .Suw merdiwanyňaşakdan 3-nji basgançagyny näçe sagatda basar ?

237) Aşgabatda ýaşap ýören adamy näme üçin Türkmenabatda jaýlap bolmaz

238) Kesdigiň saýy köpelýän zat näme ? jog:( listiň burçy )

239) 2 sany 50 litrlik pläkde süýt bar 3,4,5 litlik bankalaryň kömegi bilen her bankada 2 litr süýt almaly

JOGABY:

a)3 4 5 50 50

-----------------------------------

0 0 0 50 45

3 0 2 50 45

0 2 5 45 48

3 2 2 45 48

0 2 2 48 48

2 0 2 48 48

2 4 2 44 48

2 2 2 44 50

JOGABY:

b) 50 50 3 4 5

----------------------------

45 50 0 0 5

45 50 3 0 2

45 46 3 4 2

48 45 0 4 2

48 45 3 1 2

49 45 3 0 2

240) 1 maşgaladan 1adam 1 ada gezelenje gidýär. Maşgalada 3 çaga, her çagada bir pişik bar. Her pişigiň 3 çagasy bar. Ada näçe jandar bardy ?

241) 7 sany 9 lykdan 100 ýasamaly

242) 1 oglan 1 otagy 2 sagatda uborka edýär,

1 gyz 1 otagy 3 sagatda uborka edýär,

Ikisi bilelikde näçe sagatda uborka eder?

243) 3 sany 7lik we 1sany 1likden 50 ýasamaly

244) 5 sany 7lik we 1 sany 1 likden 100 ýasamaly

245) Eliňizde iki jübüt ellik bar. 3 sany ýokanç keselli hassany operasiýa etmeli. Her hassada bir ellik ulanyp operasiýa etmeli. Bir hassa operasiýa edilende ulanylan elligi beýlekisini ulanmaly däl. Bu işi nähili amala aşyrmaly ?

246) 1 2 3 4 5 = 5 4 3 2 1

Deňligiň her tarapynda 2 goşmak amalyny ulanyp deňligi dogurlamaly

247) 1,5 towuk 1,5 günde 1,5 ýumurtga guzlaýar. 9 towuk 4 günde näçe ýumurtga guzluýar ?

248)  1stakan wino  1stakan suw bar. Winodan 1 loşka alyp suwly stakana guýup garýarlar. Alnan garyndydan 1 loşka alyp winoly stakana guýdular. Winoda suw köpmi ýa suwda wino ?

249) Gadym döwür 3 sany dogan bolupdyr. Olar dürli ýerlerde,dürli wagtlarda zähmet çekýän ekenler. Doganlaryň hersinde 1 gulp we açary bar eken,özem gulp-açar biri birine meňzemeýär. Doganlar islendik wagt gelip gidende gapyny açyp ýapar ýaly gapyny şol üç gulp bilen nähili gulplamaly ?

250) 1,2,3,4,5,6,7 sanlary 7 boş öýjüge ýerleşdirmeli .Keseligine, diogonallygyna goşanda jemi 12ä deň bolmaly

251)   ? belginiň ýerine haýsy san ?




252) 0120

02200

320042

005...

Nokatlaryň ýerine haýsy sifrler bolmaly ?

253) GÖZ*GÖZ=ALAGÖZ

Harplaryň ýerine haýsy sifri goýmaly

254)bir  gün agşam wagt boýunça syýahtçy 1994-nji ýylda wagt maşynynyň düwmesine basdy. Sekunt soňra ol maşynyň displeýinde 1858 ýazyldy, soňra 1859.Birdenkä displeýda 1900 sifr görkezdi. Displeýda indiki çykjak sifri aýdyň . Jog:( 1901, bu 19:01 wagt )

255) 7 gezek kir ýuwulandan soňra sabynyň ini, boýy, beýikligi iki esse kiçelipdir. Bu sabyn ýene näçe gezek kir ýuwmana ýeter ? Jog: (1 gezek)

256)   bu gün ýekşenbe däl, ertir çarşenbe däl. Düýn anna däl, öňňün duşenbe däl. Ertir ýekşenbe däl, düýn ýekşenbe däl. Bürgün şenbe däl we ýekşenbe däl. Düýn duşenbe däl we çarşenbe däl. Öňňün çarşenbe däl we ertir sişenbe däl. Bu gün hem çarşenbe däl. Bu sanawlaryň biri ýalandygy belli bolsa, bu gün haýsy gün. Jog: (ýekşenbe)

257) siz bir garaňky jaýyň içinde, ol jaýyň 4 sany gapysy we 1 sany äpişgesi bar. 4 gapynyň diňe biri daşaryk alyp çykýar, beýleki üçüsiniň aňyrsy diwar. Bir açar bar ol hem ähli gapyny açýar. Garaňky jaýy

bir kiçijik şem ýagtyldýar. Açar bilen gapyny açmaklyga ýekeje mümükinçilik bar, egerde ýalňyşylsa 4 gapy hem baky beklenýär. Bu jaýdan nähili ýol bilen daşaryk çykmaly ? Jog : Äpişgäni açyp şemi eleňe alyp gapynyň açar bilen açylýan ýerine eltip howa çekişini barlamaly, şeýlelikde haýsy gapyda ot oýnasa şol gapyn açmaly

258)  näçe sany üçburçluk bar ?



259) 1 9 2 ? ? 7 sorag belginiň ýerine haýsy sifr ?

260)





261) 0,1,1,2,3,5,8,13,?,?,?     ? belginiň ýerine haýsy sifr ?

262) AA3+9=ABB

BBB+AAA=ÇÇÇ

DE9+5=DDE

Belli bolsa ABÇDE sanlary tapyň ?

263) Haýsy kär aldamany halaýar, aldanmany halamaýär ? jog: futbolist

264) Bir ýigit awtobusa münüpdir we ol ýerde gyz bilen tanyşypdyr. Ol duralgada düşjek bolanda ýigit gyzdan söýgüliňiz barmy diýipdir,we gyz : 20 30 40 diýip düşüp gidipdir. Ýigit oňa düşünipdir. Gyz ýigide näme diýipdir ? Jog: ý o k ( her sifriň baş harpy )

265) Uzynlygy 12 m ini 3 m bolan betony hiç hili guralsyz ýykyp bolarmy ?Jog : galyňlygy 1 sm bolan betony elde arkaýyn ýykyp bolýar

266) Gaýnenesi güýewsini zäherläp öldüresi gelýär. Ol öz iýýän etinden giýewsine islän ýerinden kesip berjekdigini aýdýar. Şunluk bilen giýewsi zäherlenip ölýär. Nädip ? Jog : Pyçagyň bir tarapy zäherlen bolýar.